# TÜRKMENISTANYŇ TALYPLAR FUTZAL LIGASYNYŇ DÜZGÜNNAMASY

AŞGABAT-2026

«TASSYKLAÝARYN»
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň rektory
H.Nunnaýew
«20» fewral 2026ý.

# TÜRKMENISTANYŇ TALYPLAR FUTZAL LIGASYNYŇ DÜZGÜNNAMASY

## 1. Ýaryşyň maksady we wezipeleri:

1.1. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» (**TTFL**) şu aşakdaky maksatlar bilen geçirilýär:

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe **Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň** taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek, ýaş nesli sagdyn ruhda terbiýelemek hem-de halkara sport giňişliginde Türkmenistanyň abraýyny has-da belende galdyrmak ugrunda giň gerimli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar.

*Ýaryşyň maksady* ýurdumyzda bedenterbiýäni, sporty ösdürmek we goldamak boýunça kabul edilen milli maksatnamalarda öňde goýlan wezipeleri, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde 2026-njy ýylyň 7-nji ýanwarynda tassyklanan Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň 2026-njy «Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda geçiriljek köpçülikleýin sport we medeni çäreleriniň meýilnamasyny üstünlikli amala aşyrmak, Türkmenistanda futzal oýunlaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek, sportuň bu görnüşini giňden ýaýbaňlandyrmak, zehinli türgenleri ýüze çykarmak we halkara ýaryşlaryna taýýarlyk görmek arkaly ýurdumyzyň sport abraýyny pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

1.2. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» şu aşakdaky wezipeleri çözmek üçin geçirilýär:

– Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyp ýaşlaryň okuwdan boş wagtlary işjeň dynç alyşlaryny kämil derejede gurnamakdan, zyýanly endiklerden daşda durmaklaryny gazanmak, fiziki taýdan zähmete uýgunlaşdyrmak, ýaş nesilleriň sagdyn durmuş ýörelgesi esasynda bedenterbiýe we sporta bolan höwesini, Watany söýmäge we goramaga bolan hyjuwyny artdyrmak;

– sportuň futzal görnüşi boýunça ýurdumyzyň talyplar ýygyndy toparynyň agzalaryny saýlap almak, futzal boýunça talyplar Milli ýygyndy toparyny döretmek we resmi, halkara ýaryşlaryna gatnaşmak;

– bedenterbiýe we sport arkaly talyplaryň şahsyýetini kämilleşdirmek;

– Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgesini ykrar etmäge, ýokary netijeli sporty, şol sanda futzaly we köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini ösdürmek;

– Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyp ýaşlaryň medeni-dynç alşyny üpjün etmek;

– Türkmenistanyň iň ökde talyplar futzal toparlaryny kesgitlemek;

– ýokary okuw mekdepleriniň talyp türgenleriniň ussatlyk derejesini ýokarlandyrmak;

– futzal oýnuny ýaýratmak.

## 2. Ýaryşa ýolbaşçylyk etmek:

2.1. Ýaryşyň geçirilişine Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy tarapyndan umumy ýolbaşçylyk amala aşyrylýar.

Ýaryşy geçirmek Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy we Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty tarapyndan bellenilen jogapkärlere tabşyrylýar:

*Ýaryşyň jogapkärleri* – Ilmyrat Ataýew, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Talyplar sport klubunyň başlygy, Annamyrat Annamyradow, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý.

*Kätipler* – Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň oýun görnüşleri kafedrasynyň mugallymlary Rimma Şepturowa, Mahym Orazmedowa we Gözel Ataýewa.

## 3. Gatnaşyjylar we ýaryşy geçirmegiň şertleri:

3.1. Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasyna gatnaşyjy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň agzalan ýaryşa (TTFL) gatnaşmak hakyndaky resmi çakylyk hatyny alan gününden başlap, 10 (on) senenama gününiň dowamynda ýaryşa gatnaşýandygyny resmi hat arkaly tassyklan ýokary okuw mekdebi bolup durýar.

3.2. Toparyň düzümi jemi 22 adamdan ybarat, oýunçylaryň sany 16-dan köp bolmaly däldir we 6 resmi adam (topar ýolbaşçysy, baş tälimçi, kömekçi tälimçi, derwezebanlaryň tälimçisi, iş dolandyryjy we lukman) bolmaly. Her bir resmi oýnuň beýanyna topardan bellige alnan 14-den köp bolmadyk oýunçy gatnaşyp biler. Toparyň düzümini tassyklaýan sanawnama hökmany ýagdaýda 2026-njy ýylyň 18-nji fewralyndan (14:00-dan) gijä galman talypsporty@sanly.tm elektron salga ýa-da Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna tabşyrylmaly. Sanawnama wagtynda tabşyrylmadyk ýagdaýynda Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy şol topary ýaryşdan çetleşdirmäge hukuklydyr. Gerekli resminamalar:

- Sanawnama talyp oýunçy hakynda gerekli maglumat we surat;
- pasport we talyplyk şahadatnamasy (bellige almak üçin nusgasy ýeterlik).

Emma jedelli ýagdaýlarda, şol ýagdaýlary adalatly çözmek maksady bilen, görkezilen resminamalaryň asyl nusgalaryny, ýaryşy geçirýän tarapyň talaby boýunça getirmäge borçlydyr.

Görkezilen resminamalar getirilmedik ýagdaýynda jedelli ýagdaýlar beýleki toparyň peýdasyna çözülýär we degişli netije çykarylýar (№3.12. bendinde görkezilişi ýaly).

3.3. Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasyna gatnaşýan toparyň düzüminde Türkmenistanyň Futbol federasiýasy tarapyndan geçirilýän ähli resmi ligalarynda we ýaryşlarynda çykyş edýän talyp ýaşlar hem çykyş edip bilerler:

- Hökmany ýagdaýda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmaly;
- diňe özüniň okaýan ýokary okuw mekdebiniň adyndan ýaryşa (TTFL) gatnaşyp biler.

3.4. TFF-nyň resmi ýaryşlaryna gatnaşýandygy sebäpli, 3 (üç) we ondan köp oýunçysy TTFL-ň oýunlaryna gatnaşyp bilmeýän topar, şol oýny başga senede oýnamak hakyndaky resmi ýüzlenme arkaly Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna ýüzlenip biler.

Agzalan ýüzlenmä, şol ýagdaýy tassyklaýan resminamalaryň nusgalaryny goşmaklyk zerur bolup durýandyr.

3.5. Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň dowamynda toparlar sanawnamalaryna oýunçy goşmak aşakdaky tertipde amala aşyrylyp biliner:

- eger-de TTFL 1 (bir) aýlawdan ybarat bolan ýagdaýynda, toparlar oýunçy goşup bilmeýärler;
- eger-de TTFL 2 (iki) aýlawdan ybarat bolan ýagdaýynda, 25.09 – 01.10.2026, toparlar ýaryşy geçirýän tarapyň adyna resmi hat arkaly ýüzlenip, oýunçy goşup bilerler.

Emma 3-nji maddanyň 3.2 bendinde görkezilen ýagdaýlaryň çäginden çykman.

3.6. Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy (TTFL), FIFA-nyň futzal oýnunyň düzgüni boýunça geçirilýär.

3.7. Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy 2 (iki) sany ligadan ybarat bolup, olar Futzal boýunça Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriň arasynda futzal boýunça 2025-nji ýylda geçirilen ýaryşynyň netijeleri boýunça - «**LIGA-A**» (ilkinji 10 orny eýelän toparlar) we «**LIGA-B**» (11 we ondan aşakda ýerleşen toparlar) bölünip çykyş edýär.

3.8. Toparlar özleriniň ligasyndaky toparlara garşy (2026-njy ýylda) 1 (bir) aýlawdan ybarat bolan oýunlary oýnamaly.

- ýaryşyň netijeleri boýunça her liganyň ýeňijisi iň köp utuk toplan topar yglan edilýär;

3.9. Oýun günleri:

**«Liga-A»** – 19.02-27.06.2026ý. hepdäniň duşenbe we penşenbe günleri;

**«Liga-B»** – 19.02-27.06.2026ý. hepdäniň şenbe güni.

3.10. «**LIGA-A**»-da soňky 3 orny eýelän toparlar bilen, «**LIGA-B**»-da ilkinji 3 orny eýelän toparlar, ýaryşy geçiriji tarapyndan bellenilen senede 3 günüň dowamynda, özara 2 (iki) sany oýun geçirmek arkaly indiki ýylda geçiriljek «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň» haýsy ligasynda oýnamaklygyny dowam etjekdigini kesgitlemelidirler, ýagny:

- 1-nji gün – 1-nji oýun;
- 2-nji gün – dynç güni;
- 3-nji gün – 2-nji oýun.

Iki duşuşykda ýeňiş gazanan toparlar, indiki geçiriljek «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň» (TTFL), «**LIGA-A**» ligasynda çykyş etmek hukuguna eýe bolýarlar.

Ýeňilen toparlar bolsa, «**LIGA-B**» ligasynda çykyş etmegi dowam etmelidirler.

Her oýunda bir topar ýeňiş gazanan ýagdaýynda, ýeňiji topar şu maddanyň №3.12. bendi esasynda emma diňe 2 (iki) özara oýnuň netijelerini hasaplamak arkaly kesgitlenmelidir.

Iki duşuşyk deňlikde tamamlanan ýagdaýynda FIFA-nyň kadalary boýunça 2-nji oýnuň, oýun wagty tamamlanandan soň, 5 (bäş) minutdan ybarat bolan goşmaça iki taým oýnalýar.

Eger-de goşmaça wagtda ýeňiji kesgitlenmedik ýagdaýynda FIFA-nyň hereket edýän kadalary esasynda 6 (alty) metrden 5 (bäş) sany jerime urgular bellenilýär.

Eger-de şonda hem ýeňiji kesgitlenmedik ýagdaýynda, her topardan 1 (bir) goşmaça oýunçy 6 (alty) metrden 1 (bir) goşmaça urgy ýerine ýetirmek üçin çagyrylýar we şol urgular, ýeňiji belli bolýança, ýagny haýsam bolsa bir topar, öziniň urgusyny şowsuz peýdalanýança, şol urgular dowam etdirilýär.

Şol bir oýunçy jerime urgusyny iki gezek ýerine ýetirip bilmeýär.

2-nji oýna sanawnama esasynda gatnaşýan oýunçylaryň ählisi 6 (alty) metrlik urgulary ýerine ýetirip, ýeňiji hem kesgitlenmedik ýagdaýynda, iki toparyň kapitanlarynyň gatnaşmagynda, oýnuň esasy emini tarapyndan bije atmak arkaly, oýnuň ýeňijisi kesgitlenilýär.

3.11. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» aýratyn ýagdaýlarda (mysal üçin - ýaryşa gatnaşýan toparlaryň sanyna görä ýa-da başga guramaçylyk meselelerine täsirini ýetirip bilýän ýagdaýlarda) dürli tertipde geçirilip biliner. Toparlaýyn, bir aýlawdan ybarat, iki aýlawdan ybarat we ş.m. (şeýle ýagdaýlarda, iki liga dürli usulda hem geçirilip bilner. Eger-de munuň üçin sebäp bar bolsa).

3.12. Eger-de, ligalarda iki we ondan-da köp toparyň utuklarynyň sany deň bolan ýagdaýynda jemleýji tablisada orunlar aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

- öz aralarynda oýnalan oýunlaryň netijesi boýunça (utuklaryň sany, ýeňişleriň sany, geçiren we geçirden toplarynyň tapawudy, geçiren toplaryň sany), ýaryşda başa-baş duşuşygynda tehniki utulyşy bolan ýagdaýynda, aşaky orny eýeleýär;
- ähli duşuşyklarda ýeňişleriň iň köp sany boýunça;
- ähli oýunlarda geçiren we geçirden toplaryň gowy tapawudy boýunça;
- ähli oýunlarda geçiren toplaryň sany boýunça;
- topar boýunça jerime utuklarynyň az sany boýunça: oýunda duýduryş (sary kart) - 1 utuk, oýundan çykarylmak (gyzyl kart) – 3 jerime utugy;
- bije atmak boýunça.

3.13. Oýnuň umumy dowamlylygy 40 minut (2 taým, hersi 20 minut «Arassa wagt»), her taýmyň arasynda 10 minut arakesme berilýär.

- her topar, her ýarymda 1 (bir) gezek, 1 (bir) minutlyk arakesme (taým aut) almak hukugundan peýdalanyp biler;

3.14. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» ýaryşy geçirilýän döwründe toparlara düzgün-nyzam çäklendirmeleri ulanylyp biliner *(1-nji goşundy).*

3.15. Esasly sebäpler bolmazdan oýna gelmedik topara **(-;+)** bilen tehniki ýeňliş hasap edilýär, bäsdeş topara bolsa **(+;-)** bilen tehniki ýeňiş berilýär.

3.16. Toparyň resmileşdirilmedik oýunçysy oýna gatnaşandygy üçin **(-;+)** tehniki ýeňliş hasap edilýär.

3.17. Toparlar derwezeçini goşup reňki boýunça tapawutlanýan geýimleriň iki toplumy, şeýle hem ätiýaçlyk oýunçylaryň hökmany suratda ýapynjalary bolmalydyr (nakidka).

Ähli ýaryş üçin hemme oýunçylaryň sport (futbolka) geýminiň (arkasynda sanlaryň beýikligi 25-35 sm., döşünde 10-15 sm.), şeýle hem şortylarynda (sanlaryň beýikligi 10-15 sm.) hemişelik belgileri bolmalydyr.

3.18. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» ýaryşyna gatnaşýan her bir toparyň wekilleri hökmany suratda, her bir geçirilen duşuşyklardan soňra oýnuň resmi beýanynyň göçürmesini Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyndan almaly hem-de duşuşyklarda oýunçylara berlen sary we gyzyl kartlaryň hasabyny topar tarapyndan ýöredilmeli.

3.19. Senenamada ikinji bolup durýan topar geýimiň reňki üçin jogap berýär.

## 4. Ýaryşyň eminligi:

4.1. Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty tarapyndan, Türkmenistanyň Futbol federasiýasy bilen bilelikde futzal eminlerini, talyp ýaşlaryň arasyndan saýlap almak we olary kämilleşdirmek maksady bilen okuw sapaklaryny gurnaýar we «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» üçin eminleri taýýarlaýar.

4.2. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasyna» gatnaşýan islendik ýokary okuw mekdebi Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna resmi hat arkaly ýüzlenip 3 (üç) talybyny we 1 (bir) mugallymyny 4.1. bentde görkezilen okuw sapaklaryna gatnaşdyrmak hakynda haýyşnama bilen ýüzlenip biler.

4.3. 2026-njy ýylyň «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň» (TTFL):

- oýunlara eminligi, Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň eminler bölümi tarapyndan we şu maddanyň 4.1. bendinde görkezilen okuw sapaklaryna gatnaşan we ony üstünlikli tamamlan talyp ýaşlar tarapyndan amala aşyrylýar.

4.4. Eminlik hereket edýän «Futzal oýnuň düzgünine», şeýle hem Halkara FIFA-nyň Geňeşiniň kabul eden üýtgetmelerine we goşmaçalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

4.5. Eminiň oýna gelmedik ýagdaýynda, bellenilen eminiň kömekçileriniň biri ýa-da ätiýaçdaky emin bilen çalyşýar.

4.6. Oýun tamamlanandan soň, eger-de duýduryşlar, oýundan çykarylmalar, oýunçylaryň şikesleri, meýdançada tertip-düzgüniň bozulma ýagdaýlary bolan bolsa, emin oýnuň beýanyna bu barada bellik etmelidir.

4.7. Emin oýnuň beýanyna girizilen oýunçylaryň resminamalaryny barlamaklyga borçlanýar. Ol toparlaryň wekilleri bilen bilelikde oýunçylaryň oýunlara goýberilme düzgünleriniň berjaý edilişine jogapkärçilik çekýär.

4.8. Duşuşygyň emini toparlaryň wekilleriniň gol çeken oýnuň beýanyny, oýun tamamlanandan soň 2 (iki) sagatdan gijä galman guramaçylara tabşyrmaly.

4.9. Oýundan soň eminler otagyna çenli ýolda ýa-da onda bolan bozulmalaryň ählisi barada emin ýa-da onuň kömekçisi dykgatnama bilen habar bermeli.

4.10. Oýunlara ätiýaçdaky we wagta gözegçilik edýän eminler hem bellenilýär.

Olar eger-de oýundan öň, oýun wagty meýdançadaky iki eminden biri öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýynda, ätiýaçdaky ýa-da wagta gözegçilik edýän emin ýerini tutup biler.

## 5. Oýunçylaryň, toparlaryň ýolbaşçylarynyň jogapkärçiligi:

5.1. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasyna» gatnaşýan toparlaryň oýunçylary hem-de ýolbaşçylary şu düzgünnamanyň ähli talaplaryny ýerine ýetirmäge, eminlere, garşydaşlaryna we tomaşaçylara hormat goýmaga borçludyr.

5.2. Toparlaryň oýunçylary özlerini tertipsiz alyp baran ýagdaýynda, oýnuň eminleriniň karary boýunça oýun bes edilip bilner.

5.3. Toparlaryň ýolbaşçylary oýnuň eminleriniň hereketine gatyşmaga hukugy ýokdur. Olar öz toparlarynyň oýunçylary üçin doly jogapkärçilik çekýärler.

## 6. Garşylyknamalar:

6.1. Toparyň ýolbaşçysy oýundan soň nägilelikler boýunça garşylyknamany bermek hakynda Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynyň wekillerini ýa-da ýaryşyň jogapkärini şol wagtda duýdurmaga borçludyr. Garşylyknama toparyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilmelidir we 2 (iki) sagadyň içinde Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna iberilmelidir hem-de bu barada garşydaş topary habarly etmelidir.

6.2. Öz wagtynda tabşyrylmadyk ýa-da oýnuň beýanynda bellenilmedik garşylyknamalar, şeýle hem oýunda bolan wakalar boýunça eminleriň çykaran çözgütleri esasynda seredilmeýär:

– oýunda erkin, jerime urgularynyň bellenilmegi ýa-da bellenilmezligi;

– topuň meýdançanyň çäklerinden daşyna çykmagynyň kesgitlenmegi we topy oýna girizmek hukugynyň berilmegi;

– derwezelere geçirilen ýa-da geçirilmedik toplaryň hasaba alynmagy ýa-da alynmazlygy;

– oýunça duýduryş berilmegi ýa-da oýundan çykarylmagy.

6.3. Aýratyn halatlarda, haçan-da oýnuň netijesi bellenilen düzgün bozulmalar arkaly saldamly goýlan aýratyn ýagdaýlarda, guramaçynyň oýnuň netijeleri ýoklamak ýa-da ony gaýtadan oýnamak hakynda çözgüt çykarmaklyga hukugy bardyr.

6.4. Tertibiň gödek bozulandygy üçin, topar Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynyň çözgüdi bilen ýaryşdan çetleşdirilip biliner.

## 7. Ýaryşy geçirmegiň möhletleri we ýeri:

7.1. 2026-njy ýylyň «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» Aşgabat şäherinde geçirilýär.

7.2. Ýaryşa gatnaşjak topar wekilleriniň maslahaty 2026-njy ýylyň 10-njy fewralynda sagat 14:00-da Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň baş binasynyň mejlisler zalynda geçirilýär.

7.3. Ýaryşyň açylyş dabarasy 12.02.2026ý. sagat 14$^{00}$ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport toplumynda geçiriler.

7.4. Ýaryş 19.02.2026ý. – 27.06.2026ý. aralygynda Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport toplumynda geçiriler.

7.5. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» ýaryşyny geçirmegiň möhletleri:

- ✓ **18.02.2026** - oýunçylaryň we tälimçileriň hasaba alyş resminamalarynyň barlanýan güni;
- ✓ **19.02.2026** - ýaryşyň başlanýan güni;
- ✓ **25.06.2026** - ýaryşyň tamamlanýan güni.

## 8. Sylaglamak:

8.1. **«LIGA-A»**-da birinji orny eýelän topara, futzal boýunça **«2026-njy ýylyň Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň «LIGA-A» ýeňijisi»** diýen diplom berler.

8.2. **«LIGA-B»**-da birinji orny eýelän topara, futzal boýunça **«2026-njy ýylyň Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň «LIGA-B» ýeňijisi»** diýen at dakylýar.

8.3. Ýeňijiler Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň Kubogy, medallary we hormat hatlary bilen sylaglanýar. Her ligada 2-nji we 3-nji orny eýelän toparlar hem medallar we hormat hatlary bilen sylaglanýarlar.

Şeýlede, şu aşakdaky baýraklar bilen sylaglanar:

- Iň ökde tälimçi;
- Iň ökde oýunçy;
- Iň ökde derwezeban;
- Iň köp gol geçiren oýunçy;
- Iň ökde emin;
- «Fair play» baýragy (ýaryş döwründe göreldeli hereketleri bilen tapawutlanan oýunçy, tälimçi ýada topar sylaglanyp bilner).

8.4. Ýeňijileri sylaglamak baýrakly orunlary eýelän toparlar Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň jemgyýetçilik guramalary tarapyndan taýýarlanan sowgatlar we «Talyp sport» döwlet kärhanasy ýa-da hemaýatkärlik edýän taraplaryň hasabyna amala aşyrylýar.

8.5. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» ýaryşyny geçirmek bilen bagly çykdajylar: ýaryşlary guramaçylykly geçirmek bilen bagly çykdaýjylary Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynyň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň hem-de «Talyp sport» döwlet kärhanasynyň hasabyna, ýaryşa gatnaşýan toparlaryň ýaryşa gelmek we gaýtmak ýol harajatlary, egin-eşikleri we ş.m. toparlaryň öz hasaplaryna amala aşyrylýar.

8.6. Ýaryşyň geçirilýän döwründe toparlaryň özlerinde tälimçi, kömekçi tälimçi bolmadyk halatynda, Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna resmi hat arkaly ýüz tutmagy esasynda şol wezipelere Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyp ýaşlarynyň arasyndan, agzalan ugurlar boýunça bilim alýan talyp ýaşlar hödürlenip hem bilner.

## 9. Ýaryşyň resminamalaryny resmileşdirmegiň tertibi:

Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynda bellige alynmak üçin gerekli resminamalar:

– Ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen we möhür goýlan beýannama.

– Bellenilen tertip boýunça oýunçylar we resmi wekiller üçin bellige alnan resminamalar (№3 madda, 3.2. bendi).

9.1. Bellige alyş resminamasyna ýaryşa gatnaşýan ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysy, toparyň baş tälimçisi we sport klubuň wekili tarapyndan gol çekilýär we möhür goýulýar.

9.2. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy» ýaryşyna gatnaşmak üçin, oýunçylaryň hem-de ýolbaşçylaryň resmi hasaba alyş sanawyny 18.02.2026ý. gijä galman talypsporty@sanly.tm elektron salgysyna ýa-da Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasyna tabşyrylmalydyr.

## 10. Ýaryşyň resmi ady we resmi nyşany:

10.1. Resmi ady: «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasy»

10.2. «Türkmenistanyň Talyplar Futzal Ligasynyň» resmi nyşany:

TÜRKMENISTANYŇ TALYPLAR FUTZAL LIGASY

**ŞU DÜZGÜNNAMA GEÇIRILJEK ÝARYŞLARA RESMI ÇAKYLYKDYR.**

Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy.
Habarlaşmak üçin telefonlar: 22-65-74 (10-16);
+993-65-50-20-40; +993-65-12-39-04.
Elektron salgysy: talypsporty@sanly.tm
Resmi web-sahypasy:
https://www.tdbsi.edu.tm/talypsporty

TÜRKMENISTANYŇ MILLI TALYPLAR SPORT FEDERASIÝASY

**Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň baş kätibi** **S.Gurdow**

**Talyplar sport klubunyň başlygy** **I.Ataýew**

## DÜZGÜN-NYZAM ÇÄKLENDIRMELERINIŇ SANAWY

**1-nji madda. Toparlara degişli bolan düzgün-nyzam çäklendirmeleri**

a) duýduryş;
b) topary ýaryşdan çetleşdirmek;
ç) **(-;+)** belgili tehniki ýeňliş;
d) utuklary aýyrmak.

***Bellenilen çäklendirilmeler aşakda görkezilen ýagdaýlarda ulanylýarlar:***

1.1.Meýdandan rugsatsyz gitmek, oýny dowam etmekden boýun gaçyrany üçin.
1.2.Sebäpsiz oýna gelmändigi üçin.
1.3.Oýna gijä galany üçin (15 minut).
1.4.Toparyň oýunçylarynyň tertipsizligi üçin.
1.5.Oýnuň dowamynda we oýundan soň oýunçylaryň, topar ýolbaşçylarynyň gödek, edepsiz, sporta mahsus bolmadyk hereketleri, şeýle hem sylaglama, ýaryşyň açylyş we ýapylyş dabaralaryna gatnaşmandygy üçin.
1.6.«Oýun düzgünlerini» bozany üçin (tehniki zolak).
1.7.Diskwalifikasiýa edilen ýa-da bellenilen tertipde hasaba alynmadyk oýunçy oýna gatnaşandygy üçin.

**2-nji madda. Toparyň ýolbaşçylaryna we beýleki işgärlerine degişli düzgün-tertip çäklendirmeleri**

a) duýduryş;
b) ýaryşyň oýunlary bilen baglanyşykly borçlaryň ýerine ýetirilmegini bellenilen möhlete ýa-da oýunlara çetleşdirmek we borçlaryndan boşatmak.

***Bellenilen çäklendirilmeler aşakda görkezilen ýagdaýlarda ulanylýarlar:***

2.1. Oýundan öň, dowamynda we soň edepsiz, gödek hereketleri üçin.
2.2. Eminlere, gözegçi eminlere paýyş sözleri diýeni üçin.
2.3. Eminlere, gözegçi eminlere, resmi adamlara we Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynyň wekillerine fiziki taýdan täsir edeni üçin.
2.4. Eminlere, gözegçi eminlere, resmi adamlara we Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasynyň wekillerine haýbat atany üçin.
2.5. Ýaryşyň Düzgünnamasynyň talaplarynyň berjaý edilmänligi üçin.
2.6. «Öňünden ylalaşylan (dogowornoý)» duşuşyga gatnaşany üçin.

**3-nji madda. Futzalçylara garşy ulanylýan düzgün-nyzam çäklendirmeleri**

a) dürli oýunlarda alnan 2 (iki) sary duýduryş - 1 oýna;
b) bir oýunda ikinji duýduryş üçin çykarylan - 1 oýna;
ç) oýunda gödek oýnany üçin çykarylan - 3 oýna çenli;
d) hyzmatdaşlaryň, bäsdeşleriň, eminler toparynyň, resmi adamlaryň, tomaşaçylaryň salgysyna kemsidiji hereketleri we paýyş sözleri diýeni üçin - 3 oýna çenli;

e) bäsdeşini bilkastlaýyn urany üçin (eli, aýagy, kellesi bilen) - 3 oýna çenli;

ä) bäsdeşini çendenaşa güýç ulanyp itekläni üçin - 3 oýna çenli;

f) «soňky umydyň foluny» kesgitlemek boýunça oýunçynyň çykarylandygy üçin - 1 oýun;

g) bäsdeşine şikes ýetirmek maksady bilen gödek oýnany üçin - 3 oýna çenli;

h) bäsdeşine gödek oýnap, agyr şikes ýetireni üçin - 5 oýna çenli ýa-da ýaryşdan çetleşdirmek;

i) eminler toparynyň agzalaryna, resmi adamlara fiziki täsir etmäge synanyşygy üçin - 5 oýun ýa-da ýaryşdan çetleşdirmek;

j) eminler toparynyň agzalaryna, resmi adamlara fiziki täsir edeni üçin - Türkmenistanyň Milli Talyplar sport federasiýasy tarapyndan geçirilýän ýaryşlarynda 12 aýa çenli çykyş etmekligi gadagan etmek.

**Bellik:**

1. Bir oýunda oýunçy bilen alnan iki duýduryş çykarmak diýlip hasap edilýär we bir oýun goýberýär, öň alnan duýduryşlar güýjünde galýar.

2. Eger toparlaryň biriniň günäsi boýunça ýaryşyň nobatdaky oýny bolmasa ýa-da oňa ýeňliş hasap edilse, onda günäkär toparyň oýunçylarynyň we ýolbaşçylarynyň degişli temmi çäreleri güýjünde galýar, ýeňiş hasap edilen topara bolsa temmi çäreleri ýerine ýetirendigi hasap edilýär.

3. Oýundan çykarylan oýunçy oýna gatnaşany üçin ýa-da dürli oýunlarda duýduryşyň ikisini alyp çykyş edendigi üçin, şol topara **(-;+)** bilen ýeňliş hasap edilýär hem-de oýunçy ýene-de bir oýunda çykyş etmekligi gadagan edilýär.

4. Toparyň ýolbaşçysy oýunçylaryň çykarylmalaryna we oýunlarda duýduryş almagyna gözegçiligiň alnyp barylmagy üçin jogapkärçilik çekýär.

**Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň baş kätibi** **S.Gurdow**

TÜRKMENISTANYŇ MILLI TALYPLAR SPORT FEDERASIÝASY

*2-nji goşundy.*

**TÜRKMENISTANYŇ TALYPLAR FUTZAL LIGASYNA GATNAŞMAK ÜÇIN BEÝANNAMA**

«_________________» (____________________________) (_________________)
(topar) (ÝOM ady) (sport görnüşi)

**Topar ýolbaşçysy** ________________________________________
**Baş tälimçi** ________________________________________
**Kömekçi tälimçi** ________________________________________
**Derwezebanyň tälimçisi** ________________________________________
**Iş dolandyryjy** ________________________________________
**Lukman** ________________________________________

| T/B | Familiýasy | Ady | Oýunçynyň belgisi | Talyp şahadatnama-synyň belgisi | Fakulteti we okuw ýyly | Lukman rugsady |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |
| 7 | | | | | | |
| 8 | | | | | | |
| 9 | | | | | | |
| 10 | | | | | | |
| 11 | | | | | | |
| 12 | | | | | | |
| 13 | | | | | | |
| 14 | | | | | | |
| 15 | | | | | | |
| 16 | | | | | | |

**Baş tälimçi ______________________________ «______________» 2026ý.**

**Talyplar sport kluby __________________________ / _________________/**

*3-nji goşundy.*

# TÜRKMENISTANYŇ TALYPLAR FUTZAL LIGASYNA GATNAŞMAK ÜÇIN HASABA ALYŞ SANAWNAMA

| T/b | Familiýasy | Ady | Sportuň görnüşi | ÝOM ady | Fakulteti we okuw ýyly | Talyp şahadatnama synyň belgisi | Foto suraty (3x4) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | | |
| **2** | | | | | | | |
| **3** | | | | | | | |
| **4** | | | | | | | |
| **5** | | | | | | | |
| **6** | | | | | | | |
| **7** | | | | | | | |
| **8** | | | | | | | |
| **9** | | | | | | | |
| **10** | | | | | | | |
| **11** | | | | | | | |
| **12** | | | | | | | |
| **13** | | | | | | | |
| **14** | | | | | | | |
| **15** | | | | | | | |
| **16** | | | | | | | |

| T/b | Familiýasy | Ady | Sportuň görnüşi | ÝOM ady | Işleýän wezipesi | Topardaky wezipesi | Foto suraty (3x4) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | Topar ýolbaşçysy | |
| **2** | | | | | | Baş tälimçi | |
| **3** | | | | | | Kömekçi tälimçi | |
| **4** | | | | | | Derwezebanyň tälimçisi | |
| **5** | | | | | | Iş dolandyryjy | |
| **6** | | | | | | Lukman | |

***Bellik:*** *Elektron talypsport@sanly.tm salgysyna Excel görnüşinde ugratmaly.*